# Daşbagyr

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Daşbagyr

DAŞBAGYR

Şol öňki aýralyk.
Şol öňki söýgi.
Öňki tanyş sözler.
Şol öňki ýüzler.
Şo-ol yzda süýrelip gezip ýörmeklik…
Çytyksy baýyrlar.
Şol tukat düzler…
Dek ýaňy öýlänçiň astynda galyp,
Onki süňňüm bilen süllümbaý bolan
Gujury ýagyşyň suwuna eräp
Ysgyny ýuwulan göwrämi süýräp
Çytyksy baýyrlaň,
Tukat düzleriň
Gussasyn paýlaşyp,
Syrym açmaga
Gidip barýan göge dikip gözümi
Soňy gelmez oý-pikire bogulyp
Terk edilen,
Ýalňyzlyga dözülen
Ýarpy hem-de ýanyp gara-ört bolan
Ýüregimi gurruk guýa atmaga…
Soňra haýyr gelmese-de,
gelse-de,
Gabagmy galdyryp täze durmuşa
Meýil etmesem senden başga gözele
Açmasam ömrümde täze sahypa
Hem-de seniň adyň bilen başlanan
Sahypaňa ýüpsüz örklenip galsam
Razy bolmasam-da takdyr-ezele

Ikiýüzli dünýä,
Haram ölmüşe
Gargynsam sen beri aýyp etmegin
Nälet okap ýedi gezek daşlanan
Aramyzy bozmaklykdan keýp alýan
Çokga sakgal, geçisypat Iblise…
"Näletleme rakyplary,
Ýok bolsun!
Gaýta öz saglygyñ dile Hudaýdan…"
– diýseñ-de,
Raýyñy ýykasym gelmän
Buýtar-suýtar edýän,
Ýüzüñ öwrülse
Duşmana gaýtawul bermekçi bolýan…
Çünki dogry düşün,
Haçanam bolsa
Aramyza düşse rakybyñ eli
Aramyza düşse rakybyñ dili
Ýañy gowşanmyzda bir-birimize
Ýene meni Maşryk sary sürseler
Ýeni seni gönderseler Magryba.
Ýogsa-da biz, ýalñyşdykmy ikilenç
Ýa agyr bolýasmy bu ýeñil dünýä
Diýip, özümizi terezä goýup
Ölçälimi ömrümiziñ agramyn?!.
Gizlälimi ýene käbir syrlary…
Eýgertmändim şereññize, göribe
Söýüpdim,
Her zaman,
Seni her ýerde!
Tekiz ýolda badak atyp aýaga
Büdretseler,
Syrtdan pyçak ursalar
Şasenemi köp görseler Garyba…
Kim çydardy?!
Bolsa biziñ ýermize
Besdir!

Herki zadyñ çen-çaky ýagşy
Ajy aýralygyñ berýän yzasy
Süññüme ornaşdy,
Ýetdi süýege…
Men bir zada haýran galýan kämahal
Munça dertler,
Bu dökülen gözýaşlar
Bilip-bilmän eden säwliklermiziñ
Hasabyny berk ýöredýän Hudaýyñ
Sapak bolsun diýip gelejegmize
Sañamy ýa maña berýän jezasy?!.
Eýse başga näme pikir edeýin?!
Takdyryñ elimi-aýagmy baglap
Hristosy butparazlañ öñünde
Ölsün diýip haça çüýleýşi ýaly
Meni germesatan edip goýuşy…
Sen onda çäresiz gözýaş dökeñde
Men munda hijrana bagrymy daglap
Sypjagam bolmaryn dañlan ýerimden
Kelemämi öwürýän deý mydyrdap
Garasy bulaşan bäbenegimi
Bir saga,
                bir çepe agdaryp tapsyz
Unutjak bolaryn senli günleri…
Ýeri, unutdymam diýeli,
Ýöne;
Wyždanymy taşlap, nirä gideýin?!
Alajym ýitirip herýan bakamda
Ýa seni göresim gelende ýene
Ýa meni göresiñ gelende ýene
Kime arz edeli,
Kim diñlär bizi?.
Ýa gara gan öýüp tokga daş bolan
Bagrymyzyñ depesinden ot ýaly
Gaýnap duran ajy gözýaş inderip
Ýaşalymy gussalara gark bolup?!.
Ýuwdup munça hunabany (öt ýaly)

Haçana çenli mert bolarys,
Aýtsana!
Gözüñ açyp seret,
Bir Hakykata:
Muny boýun almasañ-da,
alsañ-da
Allañ edeni bor,
Näçe merk alyp
Otly kesew sokulan deý ardyndan
Guduz açsalar-da dünýäñ bar iti
Hak öz penasynda saklasa bizi
Goltugymyñ gusul alanda syrylyp
Zibile taşlanan haram gylynyñ
Ýerin üýtgetmäge güýçleri çatmaz.
Kaýsyñ demi düşen Mejnun dagynyñ
Serinden ümüri,
dumany gitmez…
Sidre sährasynda sejjile ýazlyp
Kalbymyza başagaç deý dikilen
Söýgimize kimsäñ zyýany ýetmez!

Has TÜRKMEN.

Goşgular